# SYÝASY MENEJMENT

Aşgabat - 2010

**Ata Çarygulyỳew.** Ýokary okuw mekdepleriniň syỳasaty öwreniş hünäriniń talyplary üçin okuw gollanmasy. - Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty J.Annaorazowyń ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Ata Çarygulyỳew.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Giriş

Adam jemgyýetini öwrenýän syýasy ylymlaryň hatarynda örän uly ähmiýete eýe bolan syýasy menejment ýa-da syýasy dolandyryş ylmyň we okuw derejesiniň öz orny bar.Syýasy dolandyryş okuw dersiniň döremeginiň esasy zerurlygy-jemgyýeti dolandyrýan syýasy kanuna laýyklyklar dolandyryş edaralary, dolandyryş usullary, funksiýalary, tehnologiýalary öwrenmek olary umumy sapaklarda talyplara ýetirmek hem-de ahyrky netijede ýokary ylmy derejedäki syýasaty öwrenýän hünärmenleri taýýarlamak bolup durýar.Amaly jähtden bolsa, syýasy dolandyryşy ösdürmegiň üsti bilen halkyň ýaşaýşyny has ýokary derejä ýetirmek geljekde ony has kämil we ösen görnüşe getirmek bolup durýar.

Syýasy dolandyryş dersiniň esasy maksady-talyplaryň jemgyýeti dolandyrýan syýasy kanuna laýyklykda dolandyryş edaralar, dolandyryşyň medeniýeti bilen tanyşdyrmak bolup durýar.Menejment iňlis “Manajment”sözünden gelip çykýar, terjimede bolsa **dolandyryş** ýa-da **dolandyryş ulgamy** diýen manyny berýär.

Syýasy dolandyryş dersi täze okuw dersi bolup onuň predmeti-syýasy dolandyryşyň , taglymatlaryň, taryhyny, syýasy dolandyryşyň ugurlaryny, usullaryny funksiýalaryny öwrenmek hem-de syýasy öňdebaryjylyk, syýasy we dolandyryş häkimiýetleriň ara tapawutlaryny we meňzeşliklerini öwrenmek olary syýasy we ylmy derňewden geçirmek bolup durýar.Syýasy dolandyryş okuw dersiň esasy obýekti - döwletleriň syýasy ulgamlaryny  dolandyryş meselesi jähtden öwrenmek we barlamak bolup durýar.Syýasy dolandyryş täze okuw dersi bolup, onuň umumy dolandyryş ylymlaryň hatarynda öz orny bar.

Syýasaty öwrenýän alymlaryň tarapyndan düzülen öz gurluşy we shemasy bar.Oňa şular degişlidir:

1)Dolandyryş subýekti-dolandyryş elementi(syýasy lider ýa-da syýasy edara), syýasy ulgamlar hem-de ýerine ýetirijilere özüniñ dolandyryş täsirini ýetirýänler;
2)Dolandyryş obýekti-ýa-da dolandyrylýan element ýagny syyasy düzümler, guramalar olaryñ aýratyn bölümleri, wezipeli adamlar hem-de dolandyryş guramalara edilýän täsiri;
3)Aragatnaşyk kanallary-syýasy komunikkasiýalar dolandyryş sistemadaky subýektiň we obýektiñ özara täsiri we arabaglanyşygy daşky gurşawdan maglumat almak we ş.m.
4)Dolandyryş serişdeleri-syýasy tehnologiýa usullar we çäreler olaryñ üsti bilen dolandyryşyň täsiri barmaly ýerine ýetirilýär.Syýasy ulgamlaryñ içinde we daşynda maglumatlaryñ çalyşmagyñ esasynda syýasy dolandyryş okuw dersi hökmünde talyplara geljekki syýasaty öwrenýän hünärmenlere döwletiñ syýasy sistemasyny ýagny syýasy ulgamyny dolandyrmak mselesini öwretmek syýasatyñ subýektleriniñ we obýektleriniñ bir-birine edýän täsiri barada bilim bermek üçin çuñ düşünje almaklyga mümkinçilik berýär.

Syýasy dolandyryş okuw dersi-hemme taraplaýyn döwrebap, häzirki zaman halkara standartlara gabat gelýän ylym hem okuw dersi bolup durýar.Syýasy dolandyryş diýen düşünje haýsy formalaryñ, usullaryyñ, ýollaryñ tehnologiýalaryñ üsti bilen durmuşa amala aşyrylýanlygy bu okuw dersini öwrenen adama düşnükli bolýar.

Ondan daşgary-syýasy dolandyryş okuw dersi umumy “dolandyryş düşünjäniñ ”kesgitlemesini berýär.

## I. Dolandyryş taglymatlaryñ (menejmentiň) gadymy dünýäde ýüze çykmagy

Dünýä taryhynda adam jemgyýeti we döwleti döräni bäri Gündogaryñ we Günbataryñ siwilizasiýalary beýik akyldarlary, alymlary, pelsepeçileri, danalary ýüze çykardy.Gadymy dünýäde alymlaryñ we akyldarlaryñ ýazan işlerinde, taglymatlarynda garaýyşlarynda we pikirlerinde döwleti dolandyrmak meselesi ýüze çykýar.

Gadymy Hindistan döwletinde döwleti dolandyrmak barada köp taglymatlar, garaýyşlar kanunlar ýüze çykypdyr.

Gadymy Hindistanda V müñ ýyl öñ döwleti dolandyrmak we syýasy taýdan gurnamak meselesine degişli – Manu kanunlary ýüze çykýar.Manu kanunlarynda döwletiñ gurluşy, düzümi barada hem-de hökümdaryñ , beýleki guramalaryñ we edaralaryñ orny we roly barada ýazylan Manu kanunlarynda dini garaýyşlar hem öz ornuny tutýar.

Gadymy Hytaýyň beýik akyldary pelsepeçi Konfusiýiñ döwleti dolandyrmak barada garaýyşlar we pikirler bar.

Konfusiý b.e.öñ 522-479-njy ýyllarda Hytaýyñ Şandun welaýatynda ýaşapdyr.Kanfusiý döwlet gurluşunyñ ideal formasyny öñe sürüpdir.Onuñ pikirine görä hökümdar Hudaý ýaly keramatly adam bolup, syýasy döwlet işlerine goşulmaýardy.Hakyky häkimiýet alymlaryñ ýazyjylaryñ, pelsepeçileriñ we döwlet gullukçylaryñ elindedi.

Konfusiýiñ taglymatynda döwlet häkimiýeti Hudaý, din bilen sepleşýär hem-de maşgala garyndaşlyk jähtden seredilýär.Meselem hökümdar asmanyň ogly hem-de halkyñ atasy we enesi.Döwleti ol jemgiýet bilen deñeşdirýärdi.Sosial gatnaşyklary-şahsy gatnaşyklary bilen onuñ esasyny bolsa maşgalada görýärdi, ylaỳtada atanyň we oglunuň gatnaşyklaryny.Konfusiỳanyň pikirine görä, ata-hudaỳ, ỳa-asman hasaplanylỳar.,öz nobatynda-Hudaỳ (Asman)- Ata bolupdyr.

Beỳleki Gadymy Hytaỳda ỳüze çykan taglymat-Lao-szy monizm taglymaty bolup durỳar.
Monizm düşünjäniň manysy- ỳeketäk diỳmekdir, ỳagny ähli halk hereklериniň şol sanda, Döwletiň dolandyryşa degişli hereketleriniň bir nokatdan ỳeketäk başlangyçdan öz ugruny alỳandygyny diỳmekdir.
Monizm taglymatynyň tarapdarlary- Dualizmi(iki başlangyç) hem Pluralizm (köp dürlilik) terk, inkär edỳärdiler.
Günbatarda gadymy döwürde irki Neizm bolan Jan nazaryỳeti ỳüze çykỳar.Bu nazaryỳetde adam jemgyỳeti döwlet dolandyrmak ugurlary barada aỳdylỳar.Bu nazaryỳetde şol döwrüň hudaỳ barada dini garaỳyşlar hem öz beỳanyny tapypdyr.Neizm esasan adamyň ruhy taraplaryny orta goỳupdyr, hökümdaryň orny barada aỳdylỳar.
Syỳasy ylyma dolandyryş meselesine örän uly goşant goşan gadymy Gresiỳada beỳik akyldarlary, alymlary we pelsepeçileri bolup durỳar.
Protogonyň taglymatynda döwleti dolandyrmak we syỳasy işleri gurnamak meselesi orta
goỳulỳar.Protogon hökümdaryň Protogonyň orny hakynda ỳazỳar.Döwletiň syỳasy ulgamy hakynda.
Gadymy Gresiỳanyň dünỳä belli alymy hem akyldary Platon b.e.öň 427-347-nji ỳyllarda Afinada ỳaşapdyr.Platon döwlet barada döwleti dolandyrmak barada özüniň ỳörite şoňa bagyşlanan “Döwlet” we “Hökümdar” diỳen kitaplarynda öz pikirlerini giňişleỳin beỳan edilipdir.
Platonyň döwlet baradaky taglymatynda syỳasy hem etika aỳrylmaz baglanşyklydyr.Onuň pikirleriniň esasy iki nokady-şahsy adamkärçilik hem jemgyỳetçilik adalatlylyk bolup durỳar.Platon bu iki düşünjäni ylylaşdyrjak bolỳar.
Platon özüniň “Döwlet” we “Syỳasatçy”diỳen kitpalrynda döwlet gurluşunyň ỳedi formalary barada ỳazỳar:Birinjisi-ideal görnüşi-döwletden hem kanunçylykadan ỳokarda durỳar.Real hereket edỳän döwletlerden Platon ikisini dogry hasap

edỳärdi.(Monarhiỳa we aristokratiỳa) beỳleki dört görnüşlerini (timokratiỳa , oligahiỳa, demokratiỳa we teraniỳa-nädogry hasap edỳärdi.)
Platonyň taglymatynda adalatly döwlet baradaky pikirler eriş-argaç bolup geçỳärdi.
Dünỳä belli bolan ylmy mekdebi jemgyỳeti öwreniji stoinleriň-dolandyryş barada öz taglymaty bar.Bu taglymatynda stoinler döwletiň syyasy ulgamy hakynda dolandyryş edaralary barada ỳazypdyrlar.Bu taglymatda gadymy Gresiỳanyň syỳasy hem sosial ỳagdaỳlary öz beỳanyny tapypdyr.Gadymy Rimiň dolandyryş nazaryỳetleri bolupdyr.
Beỳik Rim şahsyỳeti bolan Siseronyň dolandyryş taglymaty bolupdyr.
Mark Tulliỳ Siseron-b.e.öň 3.01.107 -7.12.49- njy ỳyllarda gadymy Rim imperiỳasynda ỳaşapdyr.Ol döwlet işgäri, ỳazyjy hem dünỳä belli orator bolupdyr.
Siseronyň öz syỳasy taglymaty bolupdyr.Ol tebigi hukugyň pikirine golaỳ bolupdyr.Siseronyň pikirine görä döwlet dolandyryşyň iň gowy formasy(garyşyk) formasy bolup durỳardy.Şol formada demokratiỳa aristokratiỳa we monarhiya elementleri bolupdyr.Bu forma Siseron Rim respublikasy döwlet gurluşunda görüpdir.(halk ỳygnagy, senat, konsulat).
Siseronyň syỳasy pikirleri günbatara uly täsir edipdir.Ylaỳtada giçki antiki, orta asyrlar döwründe has uly glkynyş we magaryf döwürlerinde.

## II. Günbataryñ dolandyryş garaỳyşlary we taglymatlary

Günbatar ỳewropada, orta asyrlarda örän köp dolandyyş garaỳyşlar hem taglymatlar ỳüze çykypdyr.Olaryň awtorlary ỳewropanyň dünỳä belli alymlar, ỳazyjylar hem döwlet işgärleri bolupdyr. Olar barada aỳdylanda, birinji nobatda Nikkolo Makiawelli barada aỳtmaly.
Nikkolo Makiawelli-3.5.1469-Florensiỳada-22.6.1527 ölỳär.

Ol-italỳan alymy, taryhçy jemgyỳatçilik işgäri akyldar syỳahatşynas bolupdyr.
Onuň iň belli ỳazan işi-“Hökümdar”kitaby.Bu kitapda Makiawelli güỳçli döwleti döretmegiň ỳollary hakynda ỳazypdyr.Nikkolo Makiawelliniň pikirine görä, syỳasy maksatlary amala aşyrmak üçin-hemme serişdeleri ulanyp bolỳandyr.Bir söz bilen aỳtsak, syyasy maksatlara ỳetmek üçin, ahlak normalardan geçip bolỳandyr.Bu düşünje-makiawellizm diỳip atlandyrylỳar.
Jon Lokk-29.8.1632-Rington,- 28.10.1704.OTC- iňlis filosof-alym magaryfçy akyldar hem syỳasy işgär.J.Lokkyñ sosial syỳasy garaỳyşlar “Hüküm sürmek barada”iki kitaplarynda beỳan edilipdir.Birinji kitabynda Jonn Lokk korol häkimiỳetiniň hudaỳ tarapdan berlendigini terk edipdir.
Ikinji kitabynda Jonn Lokk konstitusiỳan parlamentar monarhiỳanyň teoriỳasyny beỳan edipdir.Jon Lokkyñ pikirine görä-döwletde kanun çykaryjy häkimiỳeti ỳerine ỳetiriji we sud häkimiỳetlerden aỳry bolmaly.
Jon Lok burźuaz jemgyỳetiň hukuk düşünjeleriniñ nusgawy awtory bolup durỳar.Onuň garaỳyşlary syỳasy dolandyryşa-da degişlidir.
Adam Smit-dünỳä belli beỳik iňlis ykdysadyỳetçi alym, döwlet işgäri.A.Smittiň iñ belli taglymaty- ykdysady Liberalizm taglymaty bolup duỳar.
Adam Smit ykdysadyỳetde erkinligiň we bäsleşligiň tarapdary.A.Smit dünỳa taryhynda iň belli ykdysadyỳetçi.
Ieremiỳa Bentam-15.2.1748-6.6.1832- belli iňlis filosofy we ỳuristi.Bentam-utilitarizm diýen taglymatyñ awtory bolup durỳar.Ol özüniň syýasy garaỳyşlary boỳunça Ieremiỳa Bentam burźuaz liberalizmiň tarapdarlarydy.
Özüniň “Ahlak hakyndaky ylym” diỳen kitabynda I.Bentam syỳasatyň esasy prinsipi-peỳdalylyk prinsipi bolmalydygyny ykrar edipdir.

Bentanyň pikirine görä adamlaryň şahsy bähbitleri ýeke-täk bähbitler bolup durỳar hem-de ol jemgyỳetçilik bähbitleriniň esasynda şahsy bähbitleriň ỳatandygy hakynda aỳdypdyr.
Ogüst Kont-19.1.1798-5.9.1857-Dünỳä belli fransuz alymy fiosofy. O.Kont-pozitiwizmiň we burźuaz sosiologiỳanyň düỳbüni tutujy.
O.Kontyň esasy eseri-‘syỳasatyň sistemasy’.Bu kitabynda O.Kont sosiologiỳany ‘pozitiw’ ahlak hökmünde ykrar edipdir.O.Kontyň esasy nazaryýeti-“sosiakratiỳa” nazaryỳeti bolup durỳar.
Gerbert Spenser-27.4.1820-8.12.1903-belli iňlis filosofy we sociology, pozitiwizmiň awtory.
Sosial ösüşiň esasy kanuny hökmünde Gerbert Spenser iñ güýçli döwletleriñ ösüşe eỳe bolmaklygynyñ kanununy öňe sürüpdir.
A.Faỳol-belli günbatar alymy, filosof jemgyỳeti öwreniji. A.Faỳolyň syỳasatda syỳasy dolandyryşa degişli ylmy barlag işi “umumy we önümçilik dolandyryşy’ diỳen kitap bolup durỳar.Bu işinde A.Faỳol esasan syỳasy dolandyryşa önümçilik tarapdan ylmy barlagdan hem derňewden geçiriliỳär.
Ralf Uoldo Emerson-25.5.1803-27.4.1882-ABŞ. Belli alym ykdysadyỳetçi bolan Emerson syỳasata degişli birnäçe ylmy işleriň awtory.Syỳasata degişli onuň esasy nazaryỳeti zähmet nazaryỳeti bolup durỳar.Emerson syỳasy kararlaryň önümçilikde amala aşyryşyny görkezỳär.
Dünỳä belli Amerikan telekeçisi Ford syỳasata degişli taglymatyň awtory bolup durỳar.
Ford-köpçülikleỳin önümçiligiň döredijisi bolup, ol köpçülikleỳin syỳasy dolandyyş bilen baglanşdyrỳardy.
Maks Weber-24.4.1864-14.6.1920-dünỳä belli nemes alymy, sosiolog filosof we taryhçy. Maks Weber esasy syỳasy taglymaty ‘rosionalizm’ taglymatydyr.Maks Weber syỳasatda-formal hukuk parlamentarizm we adminstratiỳa diỳen institutlary öňe sürüpdir.

Maks Weberiñ esasy taglymatlary-rasional býurokratiýa taglymaty we tehnokratik dolandyryşyñ nazaryýeti.
Günbatar Yewropada ýene-de dörän bir taglymat kibernetika dolandyryşy baradaky-nazaryýeti.
Kibernetika-dolandyryşyñ many-mazmuny-syýasy dolandyryşda täze tehnologiýalary ulanmak häzirki döwürde syýasy dolandyryşyñ işlerinde kompýuter sistemalary ulanylýar.

## III. Dolandyryşyñ,pikirleriñ Russiýada we SSSR-de ösüş ýollary

XIX-XX asyrlarda Russiýa patyşa imperiýasynda we SSSR-de syýasy dolandyryş taglymatlary, nazaryýetleri, pikirleri köp sanly alymlaryñ we döwlet syýasy işlgärleriñ ylmy kitapda öz beýanyny tapypdyr.
Görnükli rus alymy syyasatçy, hukuçy, ykdysadyýetçi, taryhçy, M.M Speranskiý-Russiýa döwletinde syýasy hukuk we ykdysady reformalary geçirmek baradaky öz pikirlerini köp sanly ylmy işlerinde beýan edipdir. XIX asyryñ II ýarymynda ýaşan we işlän M.M Speralskiniñ pikirine görä Russiýa döwletinde monarhiýa sistemasynda täze döwrebap ideýalary durmuşa geçirmegiñ wagty gelipdir.
Beyleki belli rus alymy, filosof,ykdysadyýetçi,syýasy işgär A.A.Bogdanow-10.08.11873-7.04.1928-ýyllarda Russiýada we SSSR-de ýaşan görnükli şahsyýet.
A.A Bogdanowyñ esasy ylmy eseri-'ähliumumy guramaçylyk ylym' diýen kitaby bolup durýar.Bu eserinde A.A Bogdanow guramaçylygyñ we dolandyryşyñ umumy kanunlary baradaky 'tektologiýa' ylmyny döretmek barada öz pikirini öñe sürüpdir.
Tektologiýa ylmynyñ käbir ugurlary kibernetika taglymaty we syýasy ulgamlaryñ umumy teoriýasy bilen gabat gelýär.
A.A.Bogdanow“Modelerlirowaniýe“ hem-de ikitaraplaýyn aragatnaşyk ideýalarynyñ awtorydyr.A.A.Bogdanow syýasy

dolandyryş ylmyna öz goşandyny goşan alym.Onuñ ÿene-de esasy ylmy işleriniñ biri –„Tehnologiÿa“diÿen kitap.
Beÿleki görnükli rus döwlet işgäri, döwlet ÿolbaşçysy, hukukçy alym.
S.Y.Witte-özüniñ syýasy dolandyryşa degişli işlerinde Russiýada hukuk we kanunçylyk sistemalaryny reformirlemek barada ýazypdyr.Beýleki görnükli rus syasatçy, ykdysadýyet ministri, Russiýada reformalary geçirmek barada öz syýasy pikirlerini we garaýyşlaryny ylmy işlerinde beyan eden P.A Stolypin bolup durýar.Ol diñe teoretik bolman,
öz reformalaryny durmuşa amala aşyran adamdy.Russiýa döwleti şol döwürde esasan agrar ýurt bolupdyr.Sol sebäplem, onuñ reformalary oba hojalyga, daýhanlara degişli bolupdyr.
Oba hojalyk pudagy dolandyrýan ýörite ministirlik işleýärdi.
Stolipin –Russiýada progressiw agrar reformalary geçirmegiñ pikirlerini öñe sürüpdir.
W. I. Lenin –özüniñ ýazan ylmy işlerinde syýasata, şol sanda syýasy dolandyryşa degişli öz pikirlerini we garaýyşlaryny beýan edipdir.Leniniñ taglymatynda dolandyryşyñ esasy formasy-işçi we daýhan deputatlaryñ sowetleri bolup durýardy.
Dolandyryş sistemasynyñ esasy prinsipi formal görnüşindäki merkezleşdirilen demokratizm bolup durýar.Aşakdaky syýasy we döwlet düzümler ýokarda kabul edilen kanunlary we kararlary hökman amala aşyrmalydylar.
Yokarky guramalar aşakdaky guramalara adyklyk edýärdiler.
Bularyñ hemmesi bir bitewi sistema hökmünde hereket edýärdi.
I.W.Staliniñ Dolandyryş nazaryýeti:
Stalin döwrüniñ syÿasy sistemasy awtoritar, totalitar sistema bolup durÿar.
Komunistik partiya-ÿeketäk monopol partiya bolup ýolbaşçylyk funksiýasyny amala aşyrÿardy.Yokardan aşaga çenli bir bitewi sistema hereket edÿärdi.

Dolandyryş-formal ýagdayda zähmetkeşleriñ sowetleri üsti bilen amala aşyrylýardy,hakykat-da bolsa, Stalin-diktator hömünde ýeke-täk özi kararlary kabul edýärdi.
Stalin özüniñ dolandyryş sistemasynda güýç ulanýan organlara daýanýardy(döwlet howupsyzlyk komiteti, içeri işler ministrligi, goşun).
Staliniñ dolandyryş sistemasy Antidemokratik bolupdyr.Ol esasan güýç ulanmaga öz halkyna gorkuzmaga we ş.m zatlary daýanýardy.
XX asyryñ 40-50 ýyllarda SSSR-de ilkinji kibernetika barada garaýyşlar peyda bolýar.
Kibernetika-grek sözi bolup tejime edilende dolandyryş sungaty diýmekdir.Dürli pudaklary-tehniki, biologiki, sosial çylşyrymly sistemalaryñ umumy dolandyryş kanunlar baradaky syýasat.

## IV. Syyasy dolandyryş ugurlary

Syýasy ylmyñ üns merkezinde örän möhüm mesele hökmünde syýasy menejmentiñ ýagny syýasy dolandyryşyñ ösüşiñ ugurlary meselesi dur.Bu ugrlar syýasy menejment ylmynyñ we okuw dersiniñ mazmununy düzýär.Syýasy dolandyryşyñ anyk ugurlaryny-syýastşynas alymlar ylmy barlag işleriniñ dowamynda kesgitlediler.
Syýasy dolandyryşyñ esasy ugralaryna şu aşakdakylar degişlidir:
1)Sosial orientirlenen obýektiwlik ugry-ýagny döwletiñ içindäki bolup geçýaän syýasy hem sosial prosesleri ,ýagdaýlary, düzümlerini sosial jemgyýetçilik jähtden öwrenmek hem amatly ýagdaýda dolandyrmak bolup durýar.Obýektiw taýdan öwrenilýän real syýasy prosesler sosial tarapdan orentirlenýär hem real ýagdaýda dolandyrylýar.

2)Demokratizm ugry-ýagny jemgyýetde dolandyryş herekleri geçirilende olaryñ hemmesi demokratik prinsiplerinden ugur alýandygynda

Ikinji tarapdan bolsa döwletleriñ syýasy ulgamlaryny dolandyrmagyñ çäklerinde olaryñ demokratik esaslaryny berkitmek hem kämilleşdirmek işlerini geçirmek.

3)Weroýatnost ugry-ýagny ilki çaklama görnüşinde goýlan meseleleriñ-ahyrky netijede hakykata näçe göterim gabat gelýändigini kesgitlemek bolup durýar.Weroýotnost ugry syýasy dolandyryşyñ möhüm ugrlarynyñ biri bolup, ol dolandyryş proseslerini teoretiki taýdan üpjün edýär we dolandyryş işlerini geçirmeklige ýardam edýär.

4)Optimallyk ugry –syýasy dolandyryşyñ geçirilýän dowamynda bu prosesleriñ bu prosesiñ hemme taraplaýyn amatly hem halkara standartlara gabat gelýändigini üpjün etmeklik bolup durýar.

5)Sosial goraglylyk ugry-ýagny döwetde syÿasy dolandyryş işleri geçirilende ileri tutulÿan meseleleriñ biri-bu döwetiñ raÿatlarynyñ sosial- durmuş goraglylyk meselesine uly üns berip, ony ileri tutyp ahyrky netijede bolsa, döwlete sosial goraglylygy has pugtalandyrmak halkyñ pensiÿalaryny,mddy kömekleri, stipensiÿalary,aýlyklary, ÿeñillikleri we beÿlekiler.

6)Tehnologik-guramaçylyk ugry-ýagny geçirilÿän syÿasy dolandyryş prosesleriñ dowamynda ylaÿta-da syÿasy saÿlaw kompaniÿalary geçirilende, olary tehnologik-guramaçylyk taÿdan berk üpjün etmek:döwrebap halkara standartlara gabat gelÿän tehnikalary, tehnologiÿalary hem-de syÿasy tehnologiÿalary ulanmak bolup durÿar.Guramaçylyk taÿdan dolandyryş işlerini üpjün etmek diÿmek bolsa- geçirilÿän işleriñ subÿektini ÿerbe-ÿer maksatnama laÿyklykda goÿmak olaryñ öñünde anyk wezipeleri göymak hem-de olara gözegçilik etmek bolup durýar.

7) Zähmet bölünişigi ugry-ýagny döwletiñ içindäki dolandyryş işlerini geçirmegiñ çäklerinde adamlaryñ zähmet bölünşigine

hem-de onuñ belli baglanyşykly meseleleriniñ berk berjaÿ etmek. Dolandyryş işleri geçirilende onuñ proseslerine dürli hünärleri boÿunça zähmet çekÿän adamlar goşulÿar.Dolandyryşyñ dowamynda dürli sosial düzümlerine degişli raÿatlaryñ (işçi, daÿhan, intelgensiÿa) bähbitlerini goramak olaryñ ýaşaýyş şertlerini gowlandyrmak we şoña meñzeş işler geçirilÿär.
8)Ieralhariçnost ugry-ýagny dolandyryş işleri geçirilende esasy bilmeli zat -her bir sosial düzümiñ öz derejesi bar. Ol derejesinde öz logikasy bar-ol aşakdan başlap ýokara çenli düzülendir.
9)Obratnaýa swýaz ugry-ýagny dolandyryş işleri geçirilende ikitaraplaýyn aragatnaşyklary gyşarnyksyz üpjün etmek dolandyryş prosesiniñ ikitaraplaryñ ýagny obyektiñ we subýektiñ arasynda kontaklara berk gözegçilik etmek.
10)Köpçülikleýin merkezleşme we demokratik ugry-ýagny halk ilatyñ bitewiligi bir merkeze jemlemek döwletdäki ähli meseleleri agzybirlik ýagdaýda bileleşip çözmek köpçülikleýin merkezleşme jemgyýetçilik görnüşi-döwletdäki köp dürli meseleleri çözmekdäki roly örän uludyr.
11)Demokratiýa ugry-ýagny döwletiñ ilatynyñ häkimiýetiñ işlerine içerki we daşarky syýastlaryna netijeli hem işeññir gatnaşmagy
12)Bir başlyk ugry-ýagny syýasy we sosial dolandyryşda esasy meseleleriñ biri bir başlyk meselesi.Döwlet halka bir baştutanyñ töwereginde pugta jebisleşýär.Bu ugur baştutanyñ orny we roly hakyndaky ugur.
13)Hususy ugurlar-ýagny syýasy dolandyryş ugurlarynyñ içinde aýry-aýry hususy ugrlar bolup biler.Olar esasan adamlaryñ şahsy tiplerini öwrenmek işleri amala aşyrýar.
Bu ösüş ugrlaryny öwrenmek derñewden geçirmek döwlet dolandyryş sisitemasyny ösdürmäge we kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

# V. Syýasy dolandyryşyñ usullary

Jemgyýeti öwrenýän syÿasy ylymlaryñ içinde örän uly möhüm orun tutÿan syýasy dolandyryş ylmynyñ umumy ylmy we hususy ylmy usullary syýasaty öwrenýän alymlar tarapyndan ylmy barlaglardan geçirilip öwrenilipdir hem-de olaryñ kesgitnamalary berilipdir.Umuman syýasy dolandyryş usullary üç görnüşe bölünýär.

Olara şular degişlidir:

1)sosial usullary

2)ykdysady usullary

3)psihologiki dolandyryş usullary

Syýasy dolandyryş ylmynyñ esasy usullary:

1)tehnologiýalar

2)proseduralar

Olaryñ üsti bilen sistemanyñ dolandyryş täsiri syýasy ulgamyñ içine hem daşyna ýetirilýär.Alymlar tarapyndan geçirilen ylmy barlaglaryñ netijesinde syýasy menejment täsir ediş tarapyndan kesgitlendirilipdir.Syýasy menejment ýa-da syÿasy dolandyryş syÿasy sistemany ÿa-da onuñ aÿry elementlerini merkezleşdirien täsiri bilen bir ÿagdaÿdan başga bir ÿagdaÿa geçirmek bolup durÿar.Yene-de bellemeli zat sosial usullarynyñ üsti bilen jemgyýetlerde sosial düzümleriñ (işçiler, daýhanlar, intelgensiýalar, pensenirler,çagalar ,aýallar we başgalar.)Bir-birine dolandyryş täsiri ýetirilýär.Ahyrky netijede bolsa bu işler jemgyýetiñ sosial düzümleriniñ arasyndaky gatnaşyklaryny berkidýär hem kämilleşdirýär.Ykdysady usullaryñ üsti bilen –jemgyýetiñ ösüşine güýçli täsir edilýär.Ahyrky netijede bolsa, döwletleriñ ykdysady ulgamlaryny has ýokary derejelere çenli ösdürýär hem kämilleşdirýär.

Psihologiki usullaryñ üsti bilen döwletleriñ raýatlarynyñ añ-düşünjesine dolandyryş taýdan güýçli täsir ýetirilýär.Adamlar täzeçe pikirlenip başlaýarlar.Bu bolsa, olaryñ döwlete,

jemgyýete, syýasy-ykdysady , medeni ulgamlaryna garaýyşlaryny kämilleşdirýär, ol bolsa, umuman döwletiñ amatly ösüşine ýardam edýär.
Garaşsyz Baky Bitarap Türkmen döwletinde Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ ýolbaşçylygynda geçirilýän reformalar hem özgertmeler zamanasynda syýasy dolandyryşyñ usullary üsti bilen biziñ Watanymyzy Halkara arenasyna çykarmak hem ösen ýurtlaryñ hataryna girizmek mümkinçilik döreýär.

## VI. Syýasy dolandyryşyñ funksiýalary

Jemgyýeti öwrenýän, syýasy ylymlaryñ hatarynda, örän möhüm ornuny tutýan syýasy menejmentiñ, ýa-da syýasy dolandyryşyñ-döwletiñ syýasy ulgamyny öwrenmeginde, bitirýän birnäçe möhüm funksiýalary bar.Şol funksiýalaryñ üsti bilen döwletde dolandyryş prosesi üstünlikli amala asyrylýar.
Syýasy ylymda kabul edilen klassifikasiýa boýunça syýasy dolandyryşyñ esasy üç sany funksiýalary bar.
Olara şular degişlidir:
1)Maglumatlaýyn funksiýasy
2)Tehnologik funksiýasy
3)Guramaçylyk funksiýasy

I)Maglumat funksiýasynyñ mazmuny şulardan ybarat:
1.Sosial hakykata akyl ýetirmek
2.Maksatlary döretmek
3.Bahalandyrmak işi
4.Jemgyýetde normalary döretmek
5.Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda maglumatlaýyn funksiýasyny amala aşyrmagynda döwlet ulgamynyñ hem olary düzýän edaralaryñ ýerine ýetirýän işleri hem olaryñ netijeleri
II)Tehnologik funksiýasynyñ üsti bilen dolandyryş prosesine iñ döwrebap, häzirki zaman dünýä standartyna gabat gelýän

tehnikalary we tehnologiýalary ornaşdyrmak işi geçirilýär(nanotehnologiýalary, sanly tehnologiýalary, iñ täze kompýuterleri,internet we ş.m).
Mundan daşgary bolsa-köp sanly syýasy tehnologiýalaryny dolandyryş işlerinde ulanmak ýagny, döwletiñ syýasy ulgamyny kämilleşdirmekde syýasy saýlawlary geçirmekde we ş.m.
III)Guramaçylyk funksiýasynyñ esasy many-mazmuny şulardan ybaratdyr:
Dolanyryş mehanizmiñ ähli tapgyrlarynda guramaçylyk işleriniñ ýokary derejede geçirmeginden durýar, ýagny, syýasy dolandyryşa ähli düzümleriñ we ýörite edaralaryñ amala aşyrmaly işlerini guramaçylyk taýdan dolandyrmak hem tertipleşdirmek bolup durýar.
Syýasy menejmentiñ, ýa-da syýasy dolandyryşyñ döwlet ulgamynda amala aşyrýan funksiýalarynyñ örän uly ähmiýeti bar.
Olaryñ ähmiýeti şulardyr:
Syýasy dolandyryşyñ funksiýalaryñ üsti bilen-döwletleriñ syýasy hem sosial ulgamlaryny kämilleşdirmäge, ösdürmäge hem dolandyrmaga amatly mümkinçilikler döreýär.Garaşsyz Baky Bitarap Türkmen döwletinde Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ ýolbaşçylygynda geçirilýän 'Döwlet adam üçin'syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmekde syýasy dolandyuryşyñ funksiýalary uly rol oýnaýar.Türkmenistany ösen döwleleriñ derejesinde ýetirmeginde Halkara standartlara gabat gelýän syýasy menejment ylmy öñdebaryjy rol oýnaýar.Syýasy menejmentiñ-maglumat, tehnologiýa we guramaçylyk funksiýalaryñ üsti bilen umuman döwletiñ syýasy ylgamyny dolandyrmak işi amala aşyrylýar.

## VII. Syýasy dolandyryşyñ sosial baha beriş funksiýasy

Adamzat jemgyýetiñ döräni bäri, onuñ ähli taryhy tapgyrlarynda şol jemgyýetlere degişli jemgyýetçilik gymmatlyklary bolupdyr.
Olar müñýyllyklaryñ dowamynda jemgyýetleriñ sistemalaryna we halklaryñ añyna berk ornaşypdyr.
Adamzadyñ jemgyýetçilik gymmatlyklaryna şu aşakdakylar degişli:
1)Taryhy gymmatlyklar-ýagny gadymy döwürlerden galan taryhy ýadygärlikler hem-de olaryñ halkyñ durmuşunda tutýan orny.Taryhy gymmatlyklar-ata-babalardan bize miras bolup galan maddy we ruhy baýlyklar
Taryhy gymmatlyklaryñ ýaş nesli terbiýelemekde örän uly roly bar.
2)Estetiki gymmatlyklar, ýagny halkyñ gözellik baradaky düşünjeler we normalar.Tebigatda, sungatda gözellik baradaky özboluşly milli aýratynlyklar.
3)Halkyñ medeni gymmatlyklar, ýagny, geçmişden, ata-babalarymyzdan biziñ günlerimize çenli saklanyp gelen baý we kämil edebiýat we sungat.Taryhyñ dürli tapgyrlarynda döredilen saz, teatr, kino, halyçylyk, şekillendiriş, heýkeltaraşlyk sungatlar we sungat eserler edebiýatyñ kyssa we şygryýet eserleri-halkyñ ruhy hazynasyna ömürlik giripdir.
4)Maddy gymmatlyklar dürli taryhy döwürlerinde döredilen gözel hem nepis şaý-sepleri, dünýä belli türkmen halylary, milli pullar, milli lybaslar, küýzeler we beýlekiler halkyñ ýaşaýyşynda örän uly we ähmiýetli rol oýnaýarlar.
5)Ruhy gymmatlyklar, ýagny dünýäde ýaşaýan ähli milletlere hem halklara mahsus bolan ruhy alamatlar we häsiýetler bolup durýar.Ylaýta-da türkmen milletine mahsus bolan sabyrlylyk,agraslyk,sadalykşükranalyk, pespällik, namysjañlyk we beýlekiler.

6)Ahlak gymmatlyklar , ýagny 'ýazylmadyk kanunlar' diýen düşünje-jemgyýetde adamyň özüni alyp barşynyň normalary hem-de il tarapydan olara berilýän baha:aýal-gyzlaryň, ýaşulularyň, çagalaryň we beýleki sosial taraplaryň jemgyýetde edýän hereketleri.
7)Däp-dessurlar, ýagny dünýäniň ähli milletlerinde durmuşyň möhüm tapgyrlarynda berjaý edilýän rituallar-toýlary,ýaslary beýleki seneleri geçirmegiň düzgünleri.Bu düzgünler jemgyýetde nesilden-nesile geçip, halklar tarapyndan gyşarnyksyz durmuşa amala aşyrylýar.
8)Dini gymmatlyklar, ýagny dünýäň halkalrynyň belli bir dine uýmak,öz hudaýlaryna çokunmak, hem olara ýürekden ynanmak(iman).
9)Maşgala gymmatlyklar,ýagny dünýäniň ähli milletleriň we halklaryň maşgala barada maşgalalaryň ähmiýeti we roly hakynda, maşgala hereketleri barasyndaky bolan düşünjeler.
Maşgala gymmatlyklar adamyň durmuşuny manyly edýär.Jemgyýetçilik gymmatlyklar-jemgyýetiň ruhy sütüni bolup, jemgyýetiň berkligini saklaýar.Jemgyýetçilik gymmatlyklaryň psihologik ähmiýeti örän uludyr.Jemgyýetçilik gymmatlyklar halklaryň aňynda baky ornaşyp, adamlarda geljege bolan ynam döredýär.
Syýasy dolandyryşyň döwletde tutýan orny boýunça, möhüm funksiýalaryň biri-sosial baha beriş funksiýasy bolup durýar.
Syýasy dolandyryşyň sosial baha beriş funksiýalara şular degişlidir:
1)Jemgyýetçilik gymmatlyklar düşünjesi.
2)Adaty we hünär bahalandyryş işi
3)Jemgyýetçilik pikirleri bahalandyryş işleri
4)Ekspertiza düşünjesi
5)Adaty bahalandyryş
6)Resmi bahalandyryş
Syýasy dolandyryşyň sosial baha beriş funksiýasynyň üsti bilen döwletleriň sosial gurluşuny we düzümüni has çuňňur

öwrenmek, hem-de subýektiñ we obýektiñ biri-birine edýän dolandyryş täsirini derñewden geçirmek mümkinçiligi bar.

## VIII. Sosial ýatlama we maksatlary döretmek funksiýalary

Syýasy ylmyñ möhüm bölegi bolan, syýasy dolandyryşyñ döwletiñ syýasy ulgamynda örän möhüm rol oýnaýan ýene bir funksiýasy-sosial ýatlama we maksatlary döretmek funksiýasy bolup durýar.

Sosial ýat tutma diýmek-bu maglumatlaryñ we bilimleriñ toplamagynyñ we saklamagynyñ tehnologiýasy bolup durýar.

Maksatlary döretmek diýmek-jemgyýetde köpçülükleýin maglumatlar serişdeleri üsti bilen halkyñ içinde döwletiñ baştutanyñ we hökümetiñ goýýan maksatlaryny we wezipelerini ýaýratmak, düşündirmek, ahyrky netijede bolsa, dolandyryş işi funksiýasyny amala aşyrmak bolup durýar.

Syÿasy dolandyryşyñ sosial ÿatlama we maksatlary döretmek funksiÿasynyñ mazmuny şulardan ybaratdyr:

1)Maglumatlaryñ we bilimleriñ toplamagynyñ we saklamagynyñ tehnologiýasyny kämilleşdirmek
2)Jemgyýetiñ sosial ýat tutmasy funksiýasyny kämilleşdirmek
3)Sosial ýat tutma funksiýasynyñ esasy elementleri-döwlet dokumentleridir.
4)Jemgyýetçilik maksatlary döretmek işleri
5)Sosial maksatlaryñ ähmiýeti.
6)Sosial maksatlaryñ zerurlygy we many-mazmuny
7)Sosial maksady döredį we ylmy çaklama işleri
8)Sosial maksatlaryñ köpdürliligi

Sosial maksatlaryñ klassifikasiýasy:

1)Sosial many-mazmuny boýunça
2) Häsiýet boýunça
3)Hakykata laýyklygy boýunça

## IX. Syýasy dolandyryşyñ sosial normalaryny döretmek funksiyasy.

Syýasy dolandyryşyñ jemgyýetde hereket edýän köp sanly möhüm funksiýalary bar.Olaryñ hemmesi jemgyýatde syýasy we dolandyryş işlerini amala aşyrýarlar.Dolandyryş funksiýalaryñ hatarynda-örän möhüm funksiýalaryñ ýene biri-sosial normalaryny döretmek funksiýasy bolup durýar.
Bu funksiýanyñ many-mazmuny barada gürrüñ etsek-olar şu aşakdakylardan ybarat bolup durýar:
1)Sosial normalary döretmek funksiýasynyñ düşünjesi-ýagny, jemgyýetde adamlaryñ ýaşaýşynyñ bir topar sosial kadalary, normalary, kanunlary bar.Olaryñ üsti bilen jemgyýetde onuñ ýaşaýyşynyñ çäklerinde zerur bolan deñagramlylyk saklanylýar hem-de amatly ýaşaýyş üpjün edilýär.Syýasy dolandyryş prosesiniñ dowamynda jemgyýetdäki dürli ol ýa bu ugurlara degişli edaralaryñ we düzümleriñ kömegi bilen (syÿasy,döwlet,sosial,partiÿa,ylmy,jemgyÿetçilik, ykdysady,medeni we başga) jemgyÿetde sosial normalar we düşünjeler döredilÿär, goralÿar we kämilleşdirilÿär.
Syÿasy dolandyryşyñ jemgyÿetde döredÿän normalaryñ özüniñ ýörite görnüşleri hem klassifikasiýasy bar.Olara şu aşakdakylar degişlidir:
1)Adaty normalar-ýagny adamlaryñ şahsy maşgala özara hereketleri hem arabaglanşyklary öz içine alýan normalar,kadalar bolup durýar.
Syýasy dolandyryşyñ üsti bilen adaty normalar-adamlaryñ şahsy ş,maşgala derejesindäki adamlaryñ jemgyýetde özüni alyp barşynyñ normalary-olaryñ añyna, kalbyna berk ornaşýar.
2)Adaty we Döwlet normalar, ýagny adaty normalaryñ hem döwletiñ normalarynyñ sepleşýän ýerleri.Olar biri-biri bilen baglanşykly bolup ikitaraplaýyn täsir edýärler.Döwlet normalar hakynda aýtsak, olar Hormatly Prezidentimiziñ permanlaryna we kararlaryna ,Mejlisiñ kabul eden kanunlaryna, birinji

nobatynda bolsa, döwletiñ milli konstitusiýasyna esaslanýar hem Döwet normalar hökmünde raýatlaryñ añynda ornaşýarlar.
3)Ahlak düşünjesi ýagny syýasy we sosial dolandyryşyñ üsti bilen jemgyýetde adamlaryñ ahlak normalary döredilýär,goralýar, hem milletiñ añyna we süññüne girýärler.
Ahlak normalar-'ýazylmadyk kanun' diýilip atlandyrylýar.Olar jemgyýetde adamlaryñ özüni alyp barşynyñ kadalaryny kesgitleýärler, goraýalarlar hem terbiýeçilik işleriniñ üsti bilen çagalykdan başlap adamlaryñ añlaryna guýulýar.
4)Wyjdan düşünjesi-ýagny syýasy we sosial dolandyryşyñ üsti bilen jemgyýetde adamlaryñ wyjdan düşünjesi we wyjdan normalary öz çaklerinde kadaly saklamak hem ösdürmek babatdaky hereketleri geçirmek diýip düşünmeli.
Wyjdan düşüñjesi-ruhy kategoriýa bolup, jemgyýetde düzgün-tertip halallyk, agzybirlik,parahatçylyk asudalyk ýaly ýagdaýlary kadaly normalarda saklamak işini bitirýärler.
5)Hünär we hukuk normalary döretmek-ýagny syÿasy we sosial dolandyryşyñ jemgyýetde ýene-de bir döredýän normalary-hünär we hukuk normalar bolup durýar.
Hünär normalar-jemgyýetde hünärleriñ görnüşlerini olaryñ mazmunlaryny olara bolan garaýyşlaryny we çemeleşmelerini öz içine alýar.
Jemgyýetde hukuk normalaryny döretmek syýasy dolandyryş hereketi örän möhüm rol oýnaýar.Hukuk goraýjy organlaryñ üsti bilen, dolandyryş prosesiniñ dowamynda jemgyýetde hukuk sistemasyny berkitmek, kämilleşdirmek we goramak işleri geçirilýär.

6. <u>Hukugyñ häsiýetli sypatlary.</u>
Syýasy we Sosial Dolandyryş hereketleriñ çäklerinde-jemgyýetde hukugyñ häsiýetli sypatlary, onuñ aýratynlyklary baradaky maglumatlar degerli organlaryñ tarapyndan Halk ilata ýetirilýär.
7. Türkmenistanda normalary döredýän edaralar.

Türkmenistanda normalary döredýän edaralara şular degişlidir:
1. Syýasy we hukuk edaralar – prezidentiň apparaty
2. Ministrler kabineti
3. Mejlis
4. Hukuk goraýjy organlar.

II Ylym-bilim edaralary –

Ylymlaryň Akademiýasy, ylmy insitutlar, ýokary okuw jaýlary.

III Medeni edaralar – Medeniýet ministrligi, teatr, kino-saz we beýlekiler.

IV Köpçülikleýin Habar beriş serişdeleri – telewideniýe, radio, gazetler we žurnallar.

V Metbugat edaralary – neşirýatlar.

Syýasy dolandyrşyň Döwletde Sosial normalaryny döretmek funksiýasy – jemgyýetiň has kämilleşmegine ýardam berýär we ahyrky netijede Döwletiň Sosial gurluşyny we Düzümini has berkidýär.

## X. Syýasy we Sosial Dolandyryş – hünär we jemgyýetçilik işeňňirlik hökmünde.

Syýasy we Sosial Dolandyryş – Döwletiň syýasy durmuşynda beýleki funksiýalardan başga – örän möhüm funksiýasyny – hünär we jemgyýetçilik işeňňirlik hökmünde amala aşyrýar.

Bu funksiýa şular degişlidir:

1. Syýasy işeňňirlik – Syýasy we Sosial dolandyrşyň esasy hökmünde;
2. Sosial işeňňirlik we onuň sypatlary;
3. Sosial işeňňirligiň strukturasy;
4. Sosial dolandyryşyň strukturasy;

Syýasy we sosial dolandyryş Döwletleriň içerki syýasatlarynda – hünär we jemgyýetçilik işeňňirlik hökmünde hereket edip bilýär.

Hünär işeññirligiñ many-mazmuny adamlaryñ çekýän zähmetiniñ derejesi hem-de olaryñ zähmete goşýan akyl we fiziki potensialy.

Hünär işeññirlik- aýry işgärlere, kollektiwlere hem umumy iş güýji diýen düşünjelere degişli bolup durýar. Hünär işeññirlik, maksada görä 4 sany görkeziji toparlara bölünýär:

1. Ykdysady önümçilik işeññirligi;
2. Döredijilik işeññirligi;
3. Zähmet prosesiniñ dowamynda şahsyýetiñ ösmegi we kämilleşmegi.
4. Önümçilik ulgamyndaky jemgyýetçilik işeññirligi.

Hünär işeññirlik esasy maksady zähmetkeşleri önümçilige dolandyrmaga çekmek, zähmetkeş adamlaryñ jemgyýetde täze sosial hem hünär gymmatlyklary döretmek we olary kämilleşdirmek bolup durýar. Zähmetkeşleriñ fiziki we akyl potensialy – olaryñ halal, netijeli zähmete jemgyýetiñ gymmatlyklaryna bagly bolup durýar we hemişe öz täsirini ýetirýär.

Häzirki wagtda Garaşsyz hem Baky Bitarap Türkmenistan Döwletinde, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ ýolbaşçylygynda höküm sürýän Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyñ zähmetkeşleriniñ Hünär işeññirligini örän ýokary derejä galdyrmak mümkinçilikleri döredi.

Zähmetkeşleriñ hünär işeññirligine Türkmen Döwletiniñ zähmetkeşdeleriñ hünär işeññirliginiñ ösmegine täsir edýän esasy faktorlar:

1. Garaşsyz, özbaşdak ýurtda, erkinlik ýagdaýda zähmet çekmek;
2. Umumy ykdysadyýetiñ Bazar Sistemasyna geçmeklik;
3. Eýeçiligiñ görnüşleriniñ köp dürli bolmagy;
4. Türkmenistanyñ ähli welaýatlarynda onlarça, Döwrebap, Halkara Standartlara gabat gelýän kärhanalaryñ gurulmagy we açylmagy;

5. Kärhanalary Häzirki zaman iñ Döwrebap tehniklara we tehnologiýalar bilen üpjün etmek.
6. Zähmet çekmek üçin amatly şertleriñ döredilmegi.

Syýasy we sosial Dolandyryş – jemgyýetçilik işeññirlik hökmünde hem öz roluny oýnaýar. Jemgyýatçilik işeññirlik – adamyñ añ – düşünjeli, maksadaokgunly hereket, obýektiw sosial şertlerini özgertmäge gönükdirilen işler bolup durýar. Jemgyýetçilik işeññirligiñ üsti bilen adamlarda aktiw durmuş pozisiýasy formirlenýär.

Sosial işeññirligiñ esasy many-mazmuny – adamlaryñ sosial mümkinçiliklerini (bilimlerini, ukyplaryny, zehinlini, maksatlaryny, wezipelerini) doly  görnüşinde açyp, jemgyýeti ösdürmek bolup durýar.

Jemgyýetçilik işeññirlik –zähmetkeş köpçüligi taryhy prosesiñ subýekti hökmünde formirlemegiñ zerur şerti bolup durýar.Jemgyýetçilik işşeňňirligiň dürli formalary bar.Bu formalara şular degişlidir:

1.indiwidual
2.toparlaýyn
3.kollektiwleýin
4.guramaçylyk

Jemgyýetçilik işeňňirligiň esasy ugurlary:

1.Jemgyýetçiik-syýasy hereket
2.Hünär işeňňirligi
3.Döredijilik we effektiw zähmet
4.Sosial inisiatiwler
5.Önümçiligiň dolandyryş gatnaşmagy
6.Täze sosial kadalary hem gymmatlylary döretmek

## XI. Döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň düzümünde döwlet gullugunyň orny

Döwlet häkimiýetiñ we dolandyryşyñ düzümünde-döwlet gullugy örän uly möhüm orun tutýar.Syýasaty öwreniji alymlar

döwlet gullugyny ylmy taýdan öwrenip, onuň many-mazmununy kesgitlediler.Döwlet gullugy düşünjäň many-mazmuny şulardan ybaratdyr:

1)Döwlet gullugy-häkimiýetiň instituty hökmünde-ýagny döwlet gullugy häkimiýetiň instituty hökmünde-häkimiýetiň kanunlaryny, kararlaryny,permanlaryny durmuşa geçirmegiň esasy zwenosy bolup durýar.

Syýasy häkimiýetiň özüniň geçirýän işlerinde döwlet gulluguna daýanýar.Döwlet gulluga-döwletiň pudaklarynyň,ministrlikleriniň,komitetleriň,beýleki edaralaryň gullukçy işgärleri degişli bolup durýar.

2)Häkimiýetiň ýokarlygynyň prinsipi, ýagny häkimiýet meselesine degişli möhüm ugurlaryň biri häkimiýetiň ýokarlygynyň prinsipi.Sebäbi döwletde häkimiýet-ýokary dolandyryş düzümi bolup durýar.Häkimiýet bütin ýurdy dolandyryp içerki we daşarky syýasatlary geçirýär.Beýleki aşakda ýerleşýän edaralar we düzümler häkimiýetiň kararlaryna boýun edip olary durmuşa amala aşyrýarlar.

3) Häkimiýeti bölünmeginiň prinsipi

Syýasy häkimiýetiň esasan 3 sany şahalara bölünýär

1.Kanunçylyk

2.Yerine ýetiriji

3.Sud(Kazyýet)

formasyna

Häkimiýetiň formalarynyň hersiniň öz bitirýän wezipeleri bar.

4)Häkimiýetiň bitewiligi

Ýagny döwletde häkimiýetiň bir bitewi hadysa (düşünje) bolup durýar.Häkimiýetiň bitewiligi üýgtgewsiz prinsipi bolup durýar.Häkimiýet saýlawlardan soň täze baştutany gelende belli mukdarda üýtgäp biler emma bitewilik prinsipi üýtgemeýär.

5)Döwlet gullugyň syýasy häkimiýet bilen aragatnaşygy

Döwlet gullugyň syýasy häkimiýet bilen arabaglanyşgynyň many-mazmuny onuň häkimiýetiň instituty

bolmagyndadyr.Döwlet gullugyň syýasy häkimiýet bilen gatnaşyklary ikitaraplaýyn görnüşde hemişe hereket edýärler.
6)Dolandyryş-Döwlet gullugunyň esasy funksiýasy

Döwlet gullugyň gös-göni bitirýän işi we esasy funksiýasy-dolandyryş işi bolup durýar.Sebäbi döwlet gullugy öz pudaklarynda häkimiýetiñ Kabul eden kararlaryny amala aşyryp, dolandyryş funksiýasyny amala aşyrýar.
7)Döwlet gulluk barada düşünje.
Döwlet gullugyna-döwlet apparatyny, pudaklaryň ,düzümleriň döwlet edaralarynyň işgärleri degişli bolup durýar.Olaryň esasy wezipesi-öz pudaklarynda dolandyryş hem guramaçylyk işleri geçirmek bolup durýar.
8)Döwlet gullugy-umumy dolandyryş ulgamynyň bölegi hökmünde
Döwlet gullugy-Döwlet dolandyryş ulgamynyň bir bölegi bolup durýar.Döwlet gullugy umumy dolandyryş ulgamynda özüniň funksiýalaryny durmuşa amala aşyrýar.
9)Döwlet gullugyň maksatlary-Döwlet gullugyň esasy maksatlary-döwletiň pudak edaralarynda dolandyryş işlerini geçirmegiň üsti bilen-ýurduň döwlet gurluşuny berkitmek we kämilleşdirmek bolup durýar.
10)Döwlet gullugyň serişdeleri.
Döwlet gullugyň esasy serişdeleri-ýagny Döwlet gullugyň esasy ulanýan serişdeleri-dolandyryş we guramaçylyk işleri bolup durýar.Öz pudaklaryny üstünlikli dolandyrmak maksady bilen-öz wezipesini ulanmak we ş.m.
11)Döwlet gullugyň usullary.
Döwlet gullugyň esasy usullary-ýagny öz pudaklaryna ýobaşçylyk edýän ministrlikler,komitetler we beýleki düzümler kabul edilýän köp sanly kararlaryň üsti bilen dolandyrylýar.

## XII. Sosial öňdebaryjylyk we Arkalaşyk düşünjeleri

Yagny syýasy dolandyryşyň esasy meseleleriniň biri-sosial öňdebaryjylyk we arkalaşyk düşünjeleri bolup durýar.Sosial öňdebaryjylyk we arkalaşyk düşünjeleriň many-mazmuny şulardan ybaratdyr:

1)Sosial öňdebaryjylyk we onuň tipologiýasy

Yagny sosial öňdebaryjylyk özüniň tipologiýasy boýunça jemgyýetiň pudaklara we ulgamlaryna görä bölünýär.

1.Syýasy öňdebaryjylyk

2.Ykdysady öňdebaryjylyk

3.Medeni öňdebaryjylyk

4.Aň öňdebaryjylygy

2)Öňdebaryjylyk meselesini öwrenmek

Yagny syýasy ylymyň möhüm wezipeleri biri-öňdebaryjylyk meselesini öwrenmk wezipesi bolup durýar.Öňdebaryjylyk meselesini ylmy taýdan öwrenmek diýmek-onuň many-mazmununy, maksatlaryny, düzümlerini ,netijeliligini öwrenmek diýmekdir.

3)Sosial arkalaşygyň ideologiýasy

Sosial arkalaşygyň ideologiýasy-öňdebaryjy,progressiw, demokratik, döwrebap bolup ol Arkalaşyga girýän ähli döwletleriň bähbitlerini we hukuklaryny goraýan olary has ýokary derejä ýetirýän ideologiýa bolmaly

4)Sosial Arkalaşygyň usullary

Sosial Arkalaşygyň özüniň hereketinde bir näçe usullary bar.Şol usullaryň üsti bilen ýokary netijelik gazanylýar.Meselem, usullaryň bir görnüşi-Arkalaşyga girýän Sosial düzümleriniň dürli taraplaryny bir bütewi sistema düzmek hem ösdürmek.

5. Syýasy çözgütleriniň tehnologiýasy. Syýasy çözgütleriň tehnologiýasynyň many- mazmuny-Döwletde kabul edilýän syýasy çözgütleriň hem kararlaryň iň amatly görnüşini tapmak.

6. Syýasy dolandyryşyň taglymatynda we tejribesinde çözgütleriň orny. Syýasy dolandyryşyň taglymatynda we tejribesinde syýasy çözgütleriň orny hem ähmiýeti örän uly. Çözgütleriň kabul edilmegi bilen döwletde dolandyryş prosesi mümkin bolýar.
7. Dolandyryş çözgütleri. Ýagny, Dolandyryş prosesinde kabul edilýän çözgütleriň döwletde dolandyryş işlerini netijeli we üstünlikli geçirmegine ýardam bermekligi bolup durýar.
8.Dolandyryş problemalary we dolandyryş çözgütleri. Ýagny, Dolandyryş işleriniň anyk ugurlaryň we problemalaryň – döwletde kabul edilýän syýasy hem sosial çözgütleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.
9. Dolandyryş çözgütleriň klassifikasyýasy.
Ýagny Döwletde amala aşyrylýan Dolandyryş işleriniň, çözgütleriniň klassifikasyýasy: Syýasy, sosial, medeni, ykdysady gumanitar görnüşleri.
10. Dolandyryş çözgütleriň orny we funksiýalary. Ýagny, döwletde Dolandyryş çözgütleriň orny we ähmiýeti örän uludyr. Sebäbi olaryň üsti bilen jemgiýetde Dolandyryş hem guramaçylyk işler netijeli we üstünlikli durmuşa geçirilýär. Çözgütleriň bitirýän funksiýalary Döwletiň syýasy ulgamyny öwrenmegine ýardam berýär.
11.Dolandyryş çözgütlerine edilýän talaplar. Ýagny, dolandyryş çözgütlere birnäçe anyk talaplar edilýär:
1.Çözgütler diňe ylmy we kanun esasynda kabul edilmeli;
2.Çözgütler obýektiw normalaryna esaslanmaly;
3. Çözgütler netijeli bolmaly.
12. Dolandyryş çözgütleriniň usullary we tehnologiýalary. Ýagny, Dolandyryş çözgütleri kabul edilende - olaryň birnäçe anyk usullar hem tehnologiýalary bar. Bu çözgütleriň netijeli durmuşa geçirmek üçin syýasy we sosial usullary we tehnologiýalary ulanylýar.

## XIII. Arkalaşyk düşünjesi we tejribesi.

Arkalaşyk diýen düşünje- Halkara syýasatynda we Halkara gatnaşyklarynda örän uly orun tutýar. Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan döwleti - SSSR ýykylandan soň 1991-nji ýylyň dekabr aýyndan başlap Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) agza hökmünde girýär. Arkalaşyk bilen baglanyşykly köp sanly meseleler bar. Olar şulardan ybaratdyr:
1.Arkalaşyk düşünjesiniň many-mazmuny we tejribesi.
Ýagny, Arkalaşyk diýen düşünje, Dünýä taryhynda, Halkara Syýasatynda Orta Asyrlardan başlap hereket edýär.Onuň esasy many-mazmuny birnäçe Garaşsyz Döwletleriň meýletin, ylalaşyk esasynda Arkalaşyk diýen birleşmä girip, giň hyzmatdaşlyklary we aragatnaşyklary
geçirmek bolup durýar. GDA-SSSR-niň öňki Soýuz respublikalary girýärler.
2.Arkalaşyk işlerine edilýän talaplar. Ýagny, Arkalaşyk işlerine edilýän esasy talaplar-onuň hemmetaraplaýyn Halkara Standartlaryna doly gabat gelmekligi bolup durýar.
Arkalaşyk öz işlerinde hakykatyň ýüzünde-onuň agzalary bolan Döwletleriň ykdysady ýagdaýlaryny has ýokary derejä ýetirmekligi – oňa edilýän talaplaryň biri bolup durýar.
3.Arkalaşygyň yzygiderligi.Ýagny arkalaşyk özüniň köp dürli işlerini yzygiderli geçirmeli.Onuň dowam etmegine bir ýerde durmak, yzyna gaýtmak we ş.m. säwliklere ýol bermän onuň işleriniň yzygiderligini üpjün etmek bolup durýar.
***Arkalaşygy jogapkärçiligi***

Ýagny arkalaşyk birleşmesiniň geçirilýän işlerinde hereketlerinde kabul edýän kararlarynda uly jogapkärçilik ýatyr. Çünki arkalaşygyň kabul edýän kararlary bir döwlete däl eýsem onlarça döwletlere degişli bolup durýar.
***5. Arkalaşygyň netijeligi.***

Ýagny, araalaşyklar bilen baglanyşykly esasy meseleleriň biri onuñ netijeliligi bolup durýar. Sebäbi netijelilik esasy görkezijisi bolup durýar.
Eger-de netijeliligi pes derejede bolsa onda bu guramaň ýa birleşigiň işlerini düýpli üýtgetmek zerurdur.

***6. Arkalaşyk işleriniň we hereketleriň halkara gatnaşyklarynda orny we ähmiýeti***

Halkara gatnaşyklarynda arkalaşygyň , onuň işleriniň we hereketleriniň uly orny we ähmiyeti bar arkalaşygyň üsti bilen oňa agza bolup girýän döwletler umumy iri proýektlerini amala aşyrýarlar.(energetika, çig-mallara, degişli we ş.m )

***7.Garaşsyz Türkmenistanyňdaşary daşary syýasatynda arkalaşyk tejribesi***

Türkmenistanyňd aşary daşary syýasatynda arkalaşyk tejribesi 1991-nji ýylyň dekabrynda başlanýar. Türkmenistan ilki doly hukukly agza hökmünde GDA giren bolsa , soňra öz statusyny üýtgedip, synçy hökmünde girýär.

**Syýasy menejmentiň psihilogiki alamatlary we syýasy lideriñ orny**

Syýasy menejment, ýa-da syýasy dolandyrşyň esasy meseleleriniň biri-onuñ psihologiki alamatlary bolup durýar. Sebäbi, syýasy we sosial durmuşynda psihologik faktoryň örän uly roly bar. Syýasy menejmentiň psihologiki alamatlaryna şular degişlidir:
***1)Syýasy menejment- syýasy hereketiň sistemasy hokmünde***

Ýagny, syýasy dolandyryş döwletleriň syýasy hereketiň sistemasy hökmüde öz funksiýalaryny amala aşyrýar. Syýasy dolandyryş esasy sistemasy hökmünde döwletiň esasy we sosial düzümlerini dolandyryşdan geçirýär. Syýasy dolandyryş öz orny boýunça jemgyýetde örän uly ähmiýete eýedir.

***2 Syýasy menejmentde derňew we çaklama.***

Syýasy dolandyryşda syýasy derňew we çaklama ugurlary örän uly rol oýnaýar. Döwlet ulgamynda-syýasy dolandyrşyň prosesinde ilki bilen syýasy hadysalar ylmy derňewden geçirilip çaklamalar düzülyär.

Derňew we çaklama işlerini geçirmegiň üsti bilen syýasy we sosial dolandyryş işlerini has netijeli geçirmäge mümkinçilik açylýar.

***3. Syýasy kararlaryň kabul edilmegi we durmuşa geçirmegiň ylmy we amaly eseaslary.***

Ýagny, syýasy kararlar kabul edilende we durmuşa gecirilende bu işler ylmy esasda geçirýärler, ýagny ylmyň berýän teklipleriň esasynda.

Ylmy easasynda kabul edilen kararlar amaly görnüşinde durmuşa geçirilýär. Bu meselede adamlaryň toplan tejribesi-esasy ugry bolup durýar.

**4)Dolandyryş täsir-syÿasy gatnaşyklaryñ we gepleşikleriñ esasy hökmünde**

Ÿagny,syÿasy gatnaşyklar we gepleşikler geçirilende, onuñ esasy ugry-dolandyryşyñ edÿän täsiri bolup durÿar.Dolandyryş täsiriñ üsti bilen, geçÿän syÿasy gepleşikler hem gatnaşyklar netijeli we üstünlikli tamamlanÿar.Dolandyryş täsir-bu işleriñ aÿrylmaz bölegi bolup durÿar.

**5)Syÿasy menejmentiñ subÿektleriniñ hereketiniñ şahsy stili**

Ÿagny, syÿasy dolandyryşa gatnaşÿan subÿektlaryñ ÿagny raÿatlaryñ hersiniñ öz şahsy stilini-özüniñ hereketleriniñ

alamatlaryny-ylmy taýdan öwrenmek bolup durýar.Subýektlaryñ şahsy stilini öwrenmekligiñ üsti bilen-umuman dolandyryş prosesini öñküden has ýokary ösdürmek hem kämilleşdirmek mümkinçilikler döreýär.

Syýasy menejmentiñ ikinji uly we möhüm meselesi-syýasy lidere degişli ugurlar bolup durýar.

Syýasy liderler bilen bagly meselelere şular degişlidir:

1)Syýasy lider-syýasy menejmentiñ subýekti hökmünde

Ÿagny syýasy lider-döwletiñ baştutany-syýasy dolandyryşyñ subýekti-ýä-da dolndyryşa gaty aktiw gatnaşýan adam bolup durýar.Syýasy lideriñ-örän uly orny bar, sebäbi ol bütin döwleti dolandyrýar.

2)Syýasy liderleri saýlamagyñ ýollary

Ÿagny, syýasy menejmentiñ esasy meseleleriñ biri-syýasy lideriñ saýlaw kompaniýalaryny geçirmek , olaryñ formalaryny, görnüşlerini, ýollary tapmak bolup durýar.Alternatiw saýlawlar,dalaşgärlikleriñ duşuşuklaryny geçirmek köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bu işlere çekmek, lideriñ saýlaw maksatnamasyny çap etmek we ş.m.

3)Syýasy lideriñ guramaçylyk medeniýeti-syýasy dolandyryşyñ esasy meseleleriñ biri bolup durýar.Sebäbi syýasy lideriñ guramaçylyk medeniýeti-onuñ umumy hem hünär derejesiniñ görkezijisi bolup durýar.Guramaçylyk medeniýetine görä, syýasy lidere umumy baha berilýär.

4)Syýasy menejmentiñ subýektiñ hereketiniñ we pikirlenmegiñ aýratynlyklary

Yagny, syýasy menejmentiñ dowamynda-dolandyryşyñ subýektiñ hereketiniñ we pikirlenmegiñ aýratynlyklary öwrenilýärler analizden geçirilip belli bir netijä gelinýär.

## XIV. Türkmenistanyñ Döwlet dolandyryşyñ taryhy

Orta asyrlarda Türkmenistanyñ territoriýasynda özboluşly döwlet dolandyryşy bolup geçýärdi syýasy dolandyryş sistemasy hereket edýärdi.Ýurduñ hökümdarlarynyñ hanlarynyñ, soltanyñ döwletiñ içerki we daşarky syýasatlara degişli permanlary we kararlary degerli syýasy edaralara ýetirilip, olar durmuşda amala aşyrylýady.Monarhiýa sistemasynyñ ýagdaýynda (Patyşa Russiýasynyň düzüminde) olar bir adamyñ erki bilen halk köpçüligi bilen maslahatlaşman kabul edilýärdi.Şeýle ýagdaý Türkmenistanyñ territoriýasynda irki we giçki orta asyrlarda hem höküm sürüpdir.

XVII-XVIII we XIX asyryñ I-nji ýarymynda türkmen halky syýasy taýdan pese düşüp, dagynaklyk ýagdaýda ýaşapdyr.

XIX asyryñ II ýarymynda, has takyk 1881-nji ýyldan soñ ýagny Gökdepe galasy ýykylandan soñ türkmen milletiniñ ýaşaýan territoriýasy-Rus patyşa imperiýasynyñ agressiw kolonial syýasatynyñ netijesinde dünýäde iñ uly bolan Russiýa patyşa imperiýasynyñ düzümüne alynýar.Rus imperiýasyna girmäkä türkmen milleti bitewi döwletsiz dagynyk ýagdaýda tire-taýpalar görnüşünde ýaşapdyr, hem-de olaryñ hanlary we serdarlary tarapyndan dolandyrylypdyr.

Türkmenistanyñ territoriýasy Rus patyşa imperiýasyna alynandan soñ bu toprakda adminstratiw territorial hem jemgyýetçilik-syýasy hukuk we ykdysady özgertmeler bolup geçdi.Bu özgertmeler gös-göni syýasy dolandyryşa degişli bolup durýar, sebäbi täze döreýän düzümler we ulgamlar dolandyryş funksiýalaryny amala aşyrylýadylar.

Adminstratiw-territorial bölünişigi geçirilenden soñ Türkmenistanyñ tutuş territoriýasy Russiýa monarhiýa döwletiniñ Zakaspi oblasty diýilip atlandyryldy, içinde bolsa ol ýerli häkimiýet organlara, uezdlara we wolostlara bölünipdir.Olara öz nobatynda obalar hem şäherler giripdir.

Russiýanyñ patyşasy tarapyndan Zakaspi oblastynyñ ýolbaşçysy-General-gubernator goýulýardy.( şol wagt general-gubernator Kuropatkin we beýlekiler)
Uezdlaryñ, wolostlaryñ, şäherleriñ hem obalaryñ baştutanlary goýulýardy.
Şeýlelik bilen, patyşa döwletiniñ bir bölegi bolandan soñ Türkmenistanyñ territoriýasy merkezden ýagny, Sank-Peterburgdan dolandyrylyp başlandy. Türkmenistanyñ territory-ýasynda Russiýanyñ bitewi pullary ýöräp başlaýar.Ykdysady, söwda, salgyt, harby ulgamlar herekete girýärler.Bu döwür-baknalyk döwri bolup türkmen halky-esasan daýhanlar, çarwadarlar we başgalar Rus patyşa kolonial döwletiñ tarapyndan imperiýanyñ beýleki ýüzlerçe milletler ýaly agyr ezilýärdi we esasan gara işlerde ulanylýardy.
1895-nji ýylda Russiýada, şol sanda türkmenleriñ territoriýsynda syýasy göreşiñ we azat ediş hereketiñ proletar etapy başlanýar.W.I. Lenin tarapyndan Russiýada marksizm ideýalary dowam etmegiñ netijesinde marksizm-leninizm taglymaty döreýär. Soñra Russiýada 3 sany rewolýusiýalar bolup geçýär.
1.1905-1907-nji ýyllarda I-nji rus rewolýusiýasy ;
2.1917-nji ýylyñ fewral rewolýusiýasy (monarhiýany ýok edip, wagtlaýyn buržuaz hökümet goýmak);
3.1917-nji ýylyñ oktýabr sosialistik rewolýusiýasy;
Sosialistik rewolýusiýa hem graždan uruşdan soň 1992 – nji ýylyň 5-nji dekabrynda SSSR Döwleti döreýär. 1924-nji ýylyň 27-nji Oktýabrynda SSSR-iň düzüminde TSSR, ýagny Türkmen Sowet Sosialistik Respublkasy yglan edilýär.
SSSR Döwletinde, şol sanda Türkmen Respublikasynda- iň ýokary ýolbaşçylyk we Dolandyryş edýän Gurama ýeketäk monopol partiýa bolan – Komunistik partiýasy bolupdyr. Onuň Merkezi organy – SSKP bolupdyr, onuň baştutany bolsa, baş sekretar bolupdyr.Mundan başga ýokary kanun çykaryjy organy bolan, ýokary Sowet hem ýerine ýetiriji organy –

Ministrler Soweti öz Syýasy Dolandyryş funksiýalaryny amala aşyrýardylar.Türkmen respublikasynyň Baştutany – TKP-niň 1– nji sekretary, Moskwa ýagny SKP tarapyndan bellenilýärdi.
Türkmen respublikasynyň ýerli häkimiýet organlary, bir bütewi Döwlet bolany sebäpli, Moskwada düzülen hem SSKP-niň gurultaýynda tassyklanan 5 ýyllyk sosial – ykdysady ösüşiň Maksatnamanyň çäklerinde işläp, ony amala aşyrýardylar.

## XV. Garaşsyz Türkmenistanyň syýasy dolandyryş ulgamy we syýasy menejment.

Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda Syýasy Dolandyryş Ulgamynyň düzümi 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda kabul edilen milli Konstitusiýasynda tassyklanyldy. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy kabul edildi. Döwletiň esasy Kanunynda Konstitusion gurluşyň esaslary, Häkimiýet we Dolandyryş organlarynyň sistemasy kesgitlendi. Türkmenistan – Demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda Döwleti dolandyrmak Prezident Respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar. Türkmenistanda ýokary döwlet häkimiýetini we Dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň ýokary kazyýeti amala aşyrýar. Ýerli häkimiýeti welaýatlarda, welaýat hukukly şäherlerde, etraplarda, etrap hukukly şäherlerde ýerli wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralar amala aşyrýarlar, etrapdaky şäherlerde, şäherçelerde, geňeşliklere bolsa ýerli öz – özüňi dolandyryş edaralary geňeşler.
Türkmenistanyň Prezidenti – Döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr, Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamdyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiň Deputatlarynyň, Halk Maslahatlaryň we Geňeşleriň agzalaryň Saýlawlary ähli umumy we deň saýlawlardyr.
Garaşsyz, Baky  Bitarap Türkmenistanyň Häkimiýet Sistemasy üç şahala bölünýär – kanun çykaryjy,ýerine ýetiriji we Sud formalaryna.Bu formalaryň hersiniň öz bitirýän funksiýalary bar.
Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda Syýasy Dolandyryş Ulgamy Syýasy Menejment bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

***Edebiýat:***

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi –

biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly

ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý
29. Социальное Управление курс лекций. РАГС. М 2000.
30. Социальный Менеджмент. Учебное пособие. М. Высшая школа. 2001.
31. Стрелков Н. К. Итересная и профессиональная психология. М. 2001.
32. Политология. Учебник для вузов. -М-2001г
33. Интернет-материалы сайта рагс. -М-2008г

# Mazmuny

**Giriş..........................................................................7-8**
**I. Dolandyryş taglymatlaryñ (menejmentiň) gadymy dünýäde ýüze çykmagy……………………………9-11**
**II. Günbataryñ dolandyryş garaỳyşlary we Taglymatlary...............................................................11-14**
**III. Dolandyryşyñ,pikirleriñ Russiỳada we SSSR-de ösüş ỳollary………………………………………………14-16**
**IV. Syyasy dolandyryş ugurlary.......................................16-18**
**V. Syýasy dolandyryşyñ usullary....................................19-20**
**VI. Syýasy dolandyryşyñ funksiýalary............................20-21**
**VII. Syýasy dolandyryşyñ sosial baha beriş funksiýasy.................................................................22-24**
**VIII. Sosial ýatlama we maksatlary döretmek Funksiýalary..................................................................24**
**IX. Syýasy dolandyryşyñ sosial normalaryny döretmek funksiyasy...................................................25-27**
**X. Syýasy we Sosial Dolandyryş – hünär we jemgyýetçilik işeññirlik hökmünde..................................................27-29**
**XI. Döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň düzümünde döwlet gullugunyň orny…………………………...29-31**
**XII. Sosial öňdebaryjylyk we Arkalaşyk düşünjeleri…32-33**
**XIII. Arkalaşyk düşünjesi we tejribesi..........................34-37**
**XIV. Türkmenistanyñ Döwlet dolandyryşyñ taryhy….38-40**
**XV. Garaşsyz Türkmenistanyň syýasy dolandyryş ulgamy we syýasy menejment................................40-41**
**Edebiỳatlar……………………………………………..42**